# Alynyň ala meýdany

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Alynyň ala meýdany ALYNYŇ ALA MEÝDANY

*Ýa seniňdir, ýa meniňdir!*
***Görogly***

Seniňmidir, meniňmidir
Alynyň ala meýdany?
Döwüşmäge ýeriňmidir
Alynyň ala meýdany?

Hak sözleri gördüň metal,
Ýüregiňde müň hile-al,
Gözlär mertlik, islär halal
Alynyň ala meýdany.

Gedemligiň ýok peýany,
Namartlygyň kän zyýany,
Peseldýändir bihaýany
Alynyň ala meýdany.

Bogazyňy ýyrta-ýyrta,
Galp şöhrat diýp ýorta-ýorta,
Çyk göreşseň – ynha orta,
Alynyň ala meýdany.

Ýagmyr PIRGULYÝEW. Goşgular